# RAMSAR KONWENSIÝASY

*Halkara ähmiýetli, esasan-da suwda ýüzýän guşlaryň ýaşaýan suwly-batgalyk ýerleri hakyndaky konwensiýa ýa-da Ramsar konwensiýasy 1971-nji ýylda Eýran Yslam Respublikasynyň Ramsar şäherinde geçirilen halkara maslahatyň netijeleri boýunça kabul edilen, daşky gurşaw bilen bagly ilkinji köptaraplaýyn halkara şertnamasydyr.*

*Ramsar konwensiýasy Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan 2008-nji ýylyň 22-nji fewralynda tassyklandy we Hazar deňziniň türkmen kenaryndaky Türkmenbaşy aýlagy konwensiýanyň halkara ähmiýetli suwly-batgalyk ýerleriniň sanawyna girizilenden soň, ýagny 2009-njy ýylyň iýun aýynda Türkmenistan Ramsar konwensiýasynyň 159-njy Tarapy diýlip resmi taýdan yglan edildi.*

## ESASY MAKSADY:

Ramsar konwensiýasynyň esasy maksady halkara ähmiýetli suwly-batgalyk ýerleri gorap saklamaklygy we rejeli peýdalanmaklygy höweslendirmekden ybaratdyr.

## TARYHY:

Suwly-batgalyk ýerlere – batgalyk, torfly ýerler ýa-da tebigy ýa-da emeli, hemişelik ýa-da wagtlaýyn, ýata ýa-da akýan, süýji, duzlurak ýa-da şor suw howdanlary, şol sanda gaýtgyn wagty çuňlugy alty metrden köp bolmadyk deňiz akwatoriýasy degişlidir, suwda ýüzýän guşlar diýlip ekologiýa taýdan suwly-batgalyk ýerler bilen baglanyşykly guşlara aýdylýar.

Tebigy ekoulgamlaryň durnuklylygyny üpjün etmekdäki ähmiýetini göz öňünde tutup we bu meselä bagyşlanyp 1971-nji ýylda Eýran Yslam Respublikasynyň Ramsar şäherinde geçirilen halkara maslahatyň netijeleri boýunça Halkara ähmiýetli, esasan-da suwda ýüzýän guşlaryň ýaşaýan suwly-batgalyk ýerleri hakyndaky Ramsar konwensiýasy kabul edildi. Konwensiýa 1975-nji ýylyň 21-nji dekabrynda resmi taýdan güýje girdi.

## KONWENSIÝASYNY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇLARY:

- Ramsar konwensiýasynyň halkara ähmiýetli suwly-batgalyk ýerleriniň sanawyna goşmak üçin ýurduň çägindäki azyndan bir suw-batgalyk ýeri bellemek;
- Konwensiýanyň sanawyna girizilen suwly-batgalyk ýerlerde ekologiýa häsiýetli islendik üýtgemeler barada Konwensiýanyň sekretariatyna gyssagly habar bermek;
- Konwensiýanyň sanawyna girizilen suwly-batgalyk ýerleri ýörite goramak we olary netijeli dolandyrmak;

- Konwensiýanyň ýerine ýetirilişi barada her üç ýyldan bir gezek milli hasabatlary taýýarlamak we konwensiýanyň sekretariatyna tabşyrmak;
- Konwensiýany tassyklan goňşy döwletler bilen serhetüsti suwly-batgalyk ýerleri bilelikde gorap saklamak boýunça hyzmatdaşlyk etmek;
- Konwensiýanyň sanawyna girizilen suwly-batgalyk ýerleriniň goralmagyny we ylmy taýdan öwrenilmegini ýola goýmak we olaryň ýagdaýy barada konwensiýanyň sekretariatyna yzygiderli habar bermek.

**Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan edilen işler:**

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda daşky gurşawy goramak, ekologiýa howpsyzlygyny üpjün etmek bilen bagly wezipeler ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup, bu ugurda giň gerimli maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär.

Halkara ähmiýetli esasanda suwda ýüzýän guşlaryň ýaşaýan suwly batgalyk ýerleri hakynda konwensiýa ýa-da Ramsar konwensiýanyň güýje giren güni mynasybetli her ýylyň 2-nji fewralynda suwda ýüzýän guşlaryň ýaşaýan Suwly-batgalyk ýerleriň Bütindünýä güni hökmünde tutuş dünýäde bellenilip geçilýär.

2024-nji ýylyň 2-nji fewralynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň gidrometeorologiýa baradaky gullugynyň edara binasynda Suwly-batgalyk ýerleri goramagyň Bütindünýä güni mynasybetli “Suw-batgalyk ýerleri goramak – adamzadyň gymmatlygy” atly wagyz-nesihat çäresi geçirildi.

Çäräniň dowamynda ministrligiň pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary we hünärmenleri, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň we S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň professor-mugallymlary, şeýle hem abraýly halkara guramalaryň hünärmenleri gatnaşdylar.

1971-nji ýylyň 2-nji fewralynda Eýranyň Ramsar şäherinde suwda ýüzýän guşlaryň ýaşaýan ýeri hökmünde halkara ähmiýetli suwly-batga ýerler hakynda (Ramsar) Konwensiýasyna gol çekildi. 1997-nji ýyldan başlap oňa gol çekilen gün suwly-batga ýerleriň Bütindünýä güni diýlip yglan edildi we ol planetamyzyň tebigatynyň jandarlar dünýäsiniň durnukly ösüşi üçin bu ýerleriň gymmatyna ünsi çekmäge gönükdirilendir. Häzirki wagtda dünýä ýurtlarynyň 159-sy konwensiýanyň tarapdarlarydyr, dünýäde Ramsar ýerleriniň 2250-si hasaba alyndy, olaryň umumy meýdany 215 million gektardyr. Şu ýyl suwly-batga ýerleriň Bütindünýä güni „Suwly –batga ýerler heläkçiligiň döremek howpuny azaldýar“ şygar astynda geçdi.

Türkmenistan konwensiýa 2009-njy ýylda goşuldy, ýurdymyzda ýeke ramsar ýeri bar, olam Hazar deňziniň Türkmenbaşy aýlagydyr. Onuň meýdany 267 müň gektardan gowrak ýeri tutýar, aýlag 2009-njy ýylda ramsar sanawyna girizildi. Häzirki wagtda ol halkara ähmiýetli goraglylyk derejeli ýer bolup, ony dolandyryş maksatnamasy düzüldi. Indi Günorta Çeleken aýlagy bilen Ogurjaly aýratyn goralýan ýere,Türkmenistanyň beýleki suwly-batga ekologiýa ulgamlaryna gezek geldi. Ýurdumyzyň ýerleriniň 20 göterimine golaýy derýalyk jülgelere we oazislere degişli bolup, olarda ýaşaýyş şertleri ekologiýa ulgamynyň esasy bölegidir.Esasan-da Hazar deňziniň kenarynda şeýle ýerler kän.“Altyn asyr“ Türkmen kölüni, Garagum derýasynyň suw ulgamyny, Amyderýanyň,

Murgap we Tejen derýalarynyň gollarydyr daşan ýerlerini hem suwly ýerler hasaplasa bolar.

Ramsar konwensiýasynyň köp sanly maksatlarynyň arasynda goralýan ýerleriň sanyny köpeltmek, halk köpçüliginiň howdanlaryň, derýalaryň, kölleriň we batgalaryň biologik köpdürliligi saklap galmak üçin ähmiýeti, örän wajyp ekologiýa ulgamy hyzmatlary, şeýle hem milli şertlere uýgunlaşdyryp olary aýawly dolandyrmaga çemeleşmeleri ösdürmek barada habarlylygyny ýokarlandyrmak ileri tutulýan ugurlardyr.

Konwensiýanyň çäklerindäki işiň esasy ugry—ýurdumyzda gyşlamaga galýan suwda ýüzýän guşlaryň her ýyllyk hasaba almakdyr. Dekabr-ýanwar aýlarynda Ramsar konwensiýasynyň iş toparynyň başlangyjy bilen Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri bardaky döwlet komitetiniň, Beýik Britaniýanyň guşlary goramak Korollyk jemgyýetiniň (RSPB), Awçylar we balykçylar milli jemgyýetiniň ýardam bermeginde Lebap welaýatynda –Amyderýanyň jülgelerinde we Kelif Uzboýunyň eteklerinde, Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy adyndaky suw howdanynda, Watan, Gülistan, Tallymerjen oba hojalyk massiwlerinde, Soltandag we Gyzylburun köllerinde suwda ýüzýän we suwly-batgaly ýerlerdäki guşlaryň, şol sanda durnalaryň sanawy geçirildi.

Amyderýa goraghanasynyň işgärleri Soltansanjar we Düýeboýun suw howdanlarynyň kenarlaryna gitdiler. Daşoguz welaýatynda Zeňňibaba, Uzynşor we Atabaýşor köllerinde Gaplaňgyr döwlet tebigy goraghanasynyň, Mary welaýatynda-Hanhowuz suw howdanynda we Ahal welaýatyndaky howdanlarda Awçylar we balykçylar milli jemgyýetiniň işgärleri, Balkan welaýatynda Türkmenbaşy aýlagyndan tä Garabogaz kölüne çenli aralykda ýerli ornitologlar guşlary hasaba aldylar.Indi ýarym asyr wagt bäri her ýyl gyşlaýan guşlaryň sanawyny geçirmek Demirgazyk Ýewraziýada suwda ýüzýän we suwa golaý ýaşaýan ýerli, ötegçi we gyşlaýan guşlaryň sanyna gözegçilik etmegiň halkara maksatnamalarynyň möhüm bölegine öwrüldi.

Halkara hyzmatdaşlygyny netijeli utgaşdyrmak maksady bilen 2016-njy ýylda Merkezi Aziýa sebitindäki Ramsar konwensiýasynyň Sekretariatynyň başlangyjy bilen Merkezi Aziýa Ramsar sebit başlangyjy (MA RSB) döredildi. Onuň işine Türkmenistan, Gazagystan we Gyrgyzystan gatnaşýarlar, Täjigistan bilen Özbegistan hem oňa girmäge taýýarlyk görýärler. MA RSB bu ugurda sebit hyzmatdaşlygynyň netijeli gurallaryny işläp taýýarlamaga esas bolmalydyr, onuň ileri tutýan işleriniň arasynda--ýygnaklary, ylmy maslahatlary, okuw-maslahatlary guramak, öwrediji maksatnamalary işläp taýýarlamak, suwly-batga ramsar ýerleri öwrenmäge we olaryň çägini göneltmäge ýardam etmek, dürli telekeçilik toparlary we guramalary olaryň goragyna çekmek, milli ekologiýa başlangyçlaryny goldamak ýaly çäreler bar.